

# ÝANGYN HOWPSUZLYK DÜZGÜNLERINI BERJAÝ ETMEK, UMUMY HOWPSUZLYGY PUGTALANDYRMAGA GÖNÜKDIRILEN ANYK ÇÄRELERI ÝERINE ÝETIRMEKDIR.



Merkezleşdirilen ýyladyş ulgamy bilen üpjün edilen köp öýli ýaşaýyş jaýlarynda gaz bilen işleýän ýyladyjy enjamlary gurnamak gadagandyr.



Gaz enjamlaryny ýakmak üçin önürti otlu-çöpi ýakyp, ony gaz ýanjak ojagyna eltip, diňe şondan soň gerek bolan nurbaty açmaly. Muny tersine ýerine ýetirmek howpludyr.



Gaz enjamlary gurnalan otagda gurnalyş ulgamyny üýtgetmek, bejeriş-abatlaýyş işlerini özbaşdak geçirmek, şeýle-de şol enjamlar we olaryň howur peji bilen otaglary ýylatmak gadagandyr.



Gaz enjamlarynyň gaz geçirijilerinde niýetlenmedik krantlary, nurbatlary we rezin geçirijileri ulanmak gadagandyr. Gaz enjamlary polat gaz geçiriji turbalar bilen birikdirilmelidir.



Gaz we elektrik enjamlaryny işjeň ýagdaýda gözegçiliksiz galdyrmak, şeýle hem şol enjamlar bilen bagly ýumuşlary kiçi we orta ýaşly çagalara buýurmak howpludyr.



Elektrik geçirijiler, tok paýlaýjylar, birikdirijiler, öçürijiler çekilende talabalaýyk gurnalyp, ýörite birikdirijiler arkaly birikdirilmeli, olary ýönekeý usulda sarap birikdirmek howpludyr.



Elektrik togy we gaz arkaly işleýän ähli otag ýyladyjy enjamlaryň aşagynda gorag gatlaklary goýlyp, olaryň töwereginde ýanyjy goşlaryň goýulmagyna ýol bermeli däldir!



Bir wagtyň özünde birnäçe elektrik enjamlaryny bir birikdirijä birikdirmek howpludyr.



Elektrik enjamlarynda näsazlyklar döränhalatynda, awtomatiki ýagdaýda toguň gelmesini kesýän talabalaýyk goraýjylar oturdulmalydyr.



Elektrik suw gyzdyryjy enjamlaryň tok sarp edijiligi örän ýokary bolany üçin, olar gurnalanda, tok geçiriji simleri talabalaýyk bolup, ulgamda goraýjylar oturdulmalydyr.

## MÄHRIBAN ILDEŞLER !

## GÜNDELIK DURMUŞDA ULANYLÝAN ELEKTRIK TOGY WE GAZ BILEN IŞLEÝÄN ENJAMLARA ÜNSLI HEM AÝAWLY ÇEMELEŞMEK, SAGLYGYŇYZYŇ HEM ÖÝ-OJAKLARYŇYZYŇ ABADANLYGYNYŇ KEPILIDIGINI UNUTMAŇ!



Ýangyn dörände lift awtomatiki ýagdaýda birinji gata baryp işlemesini bes edýändigi sebäpli, halas ediş basgançaklaryndan we çykalgalaryndan peýdalanmak howpsuzdyr.



Halas ediş çykalga gapylarynyň petiklenip ýapylmagyna ýa-da açarlar bilen gulplanmagyna, şeýle hem basgançaklara we halas ediş çykalgalaryna barýan geçelgeleriň goşlar bilen ýapylmagyna ýol berilmeýär. Gapylar elmydama aňsatlyk bilen açylmalydyr.

## HORMATLY ILDEŞLER!

## ÖÝDEN, IŞ ÝERLERIŇIZDEN GITMEZDEN ÖŇ ELEKTRIK, GAZ ENJAMLARYNY ÖÇÜRMEGI ÝATDAN ÇYKARMAŇ!

Ýangyn dörände, howsala düşmän, telefon arkaly 01 ýa-da öýjükli telefonyndan 001 belgä jaň edip, ýangyn howpsuzlygy gullugyna habar beriň!

Gaz enjamlarynyň nurbatyny ýapyň we togyň gelmesini kesýän goraýjylary öçüriň.

Ýaňy dörän ýangyny el ýüzünde bar bolan zatlar bilen söndürmäge synanyşyň! (ilkinji ýangyn söndüriji enjam, keçe, syk dokalan mata, suw, çäge)

Tüsselenen jaýdan çykanyňyzda, tüsseden zäherlenmez ýaly, mümkin boldugyça agzyňyzy öl mata bilen ýapyp, baryan ugruňyz görner ýaly egilip çykmaly.

### HOWPSUZLYK GULLUKLARYNYŇ TELEFON BELGILERI:

| GULLUKLAR | ÖÝ WE IŞ TELEFONLARYNDAN | ÖÝJÜKLI TELEFONDAN |
|---|---|---|
| ÝANGYN HOWPSUZLYGY GULLUGY | 01 | 001 |
| POLISIÝA | 02 | 002 |
| TIZ KÖMEK GULLUGY | 03 | 003 |
| GAZ HOWPSUZLYGY GULLUGY | 04 | 004 |